# TDIM-niň Halkara gatnaşyklary institutyna täze rektor bellenildi

2024-nji ýylyň 12-nji iýulynda geçirilen giňişleýin Hökümet mejlisiniň barşynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow degişli Permana gol çekdi. Gülşat Geldiýewna Ýusupowa Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory wezipesine bellenilip, ol bu institutyň okuw işleri boýunça prorektory wezipesinden boşadyldy. Bu barada «Watan» habarlar gepleşiginde habar berildi.

Ozal habar berişimiz ýaly, mundan ozal bu ýokary okuw mekdebiniň rektory wezipesini ýerine ýetiren Jumamyrat Şamyradowiç Gurbangeldiýew Türkmenistanyň bilim ministri wezipesine bellenildi.

Все права защищены